# Daşkentde bilelikdäki türkmen-özbek toparynyň XVIII mejlisi geçirildi

2024-nji ýylyň 16-njy iýulynda Özbegistanyň Daşkent şäherinde Söwda-ykdysady, ylmy-tehniki we medeni hyzmatdaşlyk boýunça bilelikdäki türkmen-özbek toparynyň XVIII mejlisi geçirildi. Bu barada Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň resmi web saýty 16-njy iýulda habar berdi.

Habarda berlişi ýaly, Türkmen tarapyndan mejlisiň işine Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Atdaýewiň ýolbaşçylygynda Türkmenistanyň ministrlikleriniň we pudaklaýyn edaralarynyň ýolbaşçylary hem-de wekilleri gatnaşdylar. Özbek wekiliýetine Özbegistan Respublikasynyň Premýer-ministriniň orunbasary Ž.Hojaýew ýolbaşçylyk etdi.

Mejlisiň dowamynda taraplar bilelikdäki türkmen-özbek toparynyň öňki mejlisiniň netijeleri boýunça gazanylan ylalaşyklaryň ýerine ýetirilişini ara alyp maslahatlaşdylar.

Iki ýurduň Döwlet Baştutanlarynyň arasyndaky yzygiderli we netijeli gepleşikleriň döwletara hyzmatdaşlygyň dürli ugurlary boýunça türkmen-özbek gatnaşyklarynyň mundan beýläk-de ösdürilmegine itergi berýändigi bellenildi.

Mejlisde taraplar söwda-ykdysady hyzmatdaşlygyny hem-de senagat ulgamyndaky özara hereketleri giňeltmegiň, energetika, ulag we üstaşyr daşamak ugurlary boýunça ikitaraplaýyn gatnaşyklary pugtalandyrmagyň meselelerini ara alyp maslahatlaşdylar.

Oba we suw hojalygy, hususan-da sebitiň suw serişdelerini ulanmakda, daşky gurşawy gormakda bilelikdäki hereketler babatda-da gyzyklanma bildirilip pikir alşyldy. Mundan başga-da, mejlise gatnaşyjylar ylmy-tehniki we medeni-ynsanperwer ulgamlaryndaky özara gatnaşyklaryň hem esasy ugurlaryna seredip geçdiler.

Bilelikdäki türkmen-özbek toparynyň işiniň jemleri boýunça XVIII mejlisiň Teswirnamasyna gol çekildi.

Все права защищены

save pdf date >>> 04.12.2024